Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2014-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda 795 bilen bellige alyndy

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň 2014-nji ýylyň 2-nji sentýabrynda çykaran 358-iş belgili buýrugy bilen tassyklandy

## Türkmenistanda önüm öndürijilere muzdsuz berlen oba hojalyk tehnikalaryna we gurallaryna ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin ýeňillikli karzlary bermegiň Tertibi

I. Umumy düzgünler

1. Türkmenistanda önüm öndürijilere muzdsuz berlen oba hojalyk tehnikalaryna we gurallaryna ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin ýeňillikli karzlary bermegiň Tertibi (mundan beýläk – Tertip) “Hasapdan öçürmäge degişli oba hojalyk tehnikalaryny we gurallaryny önüm öndürijilere muzdsuz bermek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyň 7-nji iýulynda çykaran 13745-nji kararyna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda Türkmenistanyň “Daýhanbank” döwlet täjirçilik banky (mundan beýläk-Bank) tarapyndan öz serişdeleriniň hem-de zerur bolanda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň serişdeleriniň hasabyna milli pulda öz hasabyna dikeldip işletmäge isleg bildirýän kärendeçilere, daýhan hojalyklaryna, mülkdarlara we köp ýyl iş tejribesi bolan mehanizatorlara (mundan beýläk – önüm öndürijiler) muzdsuz berlen oba hojalyk tehnikalaryna we gurallaryna ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin ýeňillikli karzlary bermegiň tertibini düzgünleşdirmek maksady bilen işlenip taýýarlanyldy.

2. Şu Tertibiň maksatlary üçin aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

daýhan hojalygy – oba hojalyk önümçiligini bilelikde alyp barmak üçin bir ýa-da birnäçe maşgalanyň agzalary tarapyndan döredilýän oba hojalyk kärhanasydyr.

mülkdar –ýeri döwletden mülk hökmünde ýa-da uzak möhletli kärendä alyp işleýän oba hojalyk önümlerini öndürijiler;

kärendeçi - daýhan birleşiginden ösümlikçilik önümlerini öndürmek üçin ýer bölegini hem-de maldarçylyk önümlerini öndürmek üçin mallary kärendesine alan fiziki ýa-da ýuridiki şahslar;

mehanizator - oba hojalyk tehnikalaryna gözegçilik edýän köp ýyl iş tejribesi bolan fiziki şahsy.

II. Muzdsuz berlen oba hojalyk tehnikalaryna we gurallaryna ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin önüm öndürijilere karzlary bermegiň düzgünleri

3. «Türkmenobahyzmat» döwlet birleşiginiň garamagyndaky edara-kärhanalaryň hasabynda duran, ulanyş möhleti geçen we hasapdan öçürmäge degişli oba hojalyk tehnikalaryny we gurallaryny dikeltmek üçin zerur bolan ätiýaçlyk şaýlary karz serişdeleriň hasabyna satyn almak üçin önüm öndürijiler Banka şu aşakdaky resminamalary tabşyrýar:

karz almak üçin arza;

ýuridiki şahslar üçin – döwlet tarapyndan hasaba almak hem-de Türkmenistanyň Edara görnüşli taraplarynyň ýeke-täk döwlet sanawyna girizmek baradaky şahadatnamanyň we salgyt hasabyna goýulandygy hakynda şahadatnamanyň nusgasy;

fiziki şahslar üçin - şahsyýetini tassyklaýan resminamanyň we salgyt hasabyna goýulandygy hakynda şahadatnamanyň nusgasy;

önüm öndürijileriň iş meýilnamasy;

hasapdan öçürmäge degişli oba hojalyk tehnikalaryny we gurallaryny dikeldip işletmäge zerur bolan ätiýaçlyk şaýlarynyň görnüşlerini we pul möçberlerini görkezmek bilen meýilnamasyny we şol tehnikany bermek barada welaýat topary tarapyndan berlen we Merkezi topary tarapyndan tassyklanan netijenamasy;

daýhan hojalyklar, mülkdar we kärendeçiler üçin soňky üç ýylyň dowamynda alan hasyly hem-de girdejisi baradaky maglumatlary;

mehanizatorlar üçin girdejileriniň çeşmeleri hakynda delilhat;

daýhan birleşigi tarapyndan berlen häsiýetnama;

zähmet depderçesiniň göçürmesi;

karzy ulanmak bilen bagly hasap sypatnamalaryň göçürme nusgasy;

ýer böleklериniň eýelerine, ýerden peýdalanyjylara we ýer kärendeçilerine ýer bölegine eýeçilik hukugyny berýän Döwlet namasynyň, ýerden peýdalanmak hukugyny berýän Döwlet namasynyň hem-de ýeriň kärendä berlendigi barada Kepilnamanyň göçürme nusgalary.

4. Ýeňillikli karzlar önüm öndürijilere muzdsuz berlen oba hojalyk tehnikalaryna we gurallaryna ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin ýyllyk 1 göterim bilen 3 ýyla möhlete çenli berilýär.

5. Hasapdan öçürmäge degişli oba hojalyk tehnikalary we gurallary dikeltmek üçin zerur bolan ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin karzlary almak hukugyndan önüm öndürijiler diňe bir gezekleýin peýdalanyp bilýär.

6. Ýeňillikli karzlar şu Tertibiň 4-nji bölüminde görkezilen maksatlar üçin önüm öndürijileriň oba hojalyk tehnikalaryna we gurallaryna ätiýaçlyk şaýlarynyň umumy bahasynyň 15 göterimden az bolmadyk möçberine önüm öndürijileriň hususy serişdelerini goýmak şerti bilen, onuň 85 göterimi karzlaşdyrylýar.

7. Muzdsuz berlen oba hojalyk tehnikalaryna we gurallaryna ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin önüm öndürijilere, şu Tertibiň 4-nji bölüminde bellenilen maksatlar üçin berilýän karzlaryň üpjünçiligi hökmünde girew, kepillik ýa-da üçünji tarapyň zamunlygy kabul edilip bilner.

8. Şu Tertipde bellenilen maksatlar üçin berilýän karzlara ýeňillikli döwür oba hojalyk tehnikalar we gurallar dikeldilýänçä kesgitlenilip bilner.

9. Bank bilen önüm öndürijileriň arasyndaky gatnaşyklar taraplaryň arasynda baglaşylan karz şertnamasy esasynda düzgünleşdirilýär.

10. Oba hojalyk tehnikalaryna we gurallaryna ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin önüm öndürijiler tarapyndan karz boýunça esasy bergi we/ýa-da oňa hasaplanan göterimler karzy üzmekligiň tertibinde göz öňünde tutulan möhletlerde tölenilmedik halatynda ýa-da berlen karz serişdeleri başga maksatlara ulanylan ýagdaýynda, Bankyň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, karzy möhletinden öň yzyna gaýtarmak we karzyň üpjünçiligine alynan serişdeleriň hasabyna borçnamalaryny ýerine ýetirmek boýunça talaplary kanagatlandyrmaga hukugy bardyr.

III. Bank tarapyndan oba hojalyk tehnikalaryna we gurallaryna ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin önüm öndürijileriň ýüztutmalaryna garamagyň tertibi

11. Oba hojalyk tehnikalaryna we gurallaryna ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin önüm öndürijilere karz bermegiň mümkinçiligi hakynda meselä garalan mahaly Bank onuň karzy üzmek ukybyny, iş meýilnamasyny hem-de karz taryhyny öwrenýär.

12. Bank şu Tertibiň şertlerine laýyklykda, oba hojalyk tehnikalaryna we gurallaryna ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin karz almak barada ýüz tutan önüm öndürijileriň resminamalarynyň bukjasyna garaýar.

Önüm öndürijileriň karzyň hasabyna oba hojalyk tehnikalaryna we gurallaryna ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin jemlenen bukjasyndaky resminamalar Bankyň karz topary tarapyndan seredilýär.

Bankyň karz bermek ýa-da bermekden ýüz döndürmek baradaky netijeleri mejlis ýazgysy bilen resmileşdirilýär.

13. Bank oba hojalyk tehnikalaryna we gurallaryna ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin önüm öndürijileriň resminamalaryna seredip, karz bermek hakyndaky çözgüdi önüm öndürijileriň karz almak barada arzanyň hasaba alnan senesinden başlap, 10 (on) senenama gününiň dowamynda kabul edilýär.

14. Bank karz bermek barada çözgüt kabul edenden soň, bellenilen tertipde karz bermek boýunça ähli zerur amallaryny geçirýär.

15. Ýeňillikli karzlar her önüm öndürijä aýratyn karz hasabyny açmak hem-de bu hasapdan oba hojalyk tehnikalaryna we gurallaryna ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin önüm öndürijileriň töleg tabşyryknamalaryny tölemek arkaly nagt däl görnüşde amala aşyrylýar.

16. Önüm öndürijiler oba hojalyk tehnikalaryna we gurallaryna ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin şu Tertibiň 4-nji bölüminde görkezilen ýeňillikli karzlary almak boýunça tabşyrylan iş meýilnamasynyň we beýleki resminamalaryň dogrulygyna, karzlaryň maksatlaýyn ulanylyşyna Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýär.

IV. Zerur bolan maliýe serişdelerini bermek üçin Bankyň ýüztutmasy esasynda Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan karz ugurlaryny açmagyň tertibi

17. Türkmenistanyň Merkezi banky, zerur bolan halatynda, ýagny Bankyň öz serişdeleri ýeterlik möçberde bolmasa, onuň ýüztutmasy esasynda şu Tertibiň 4-nji bölüminde göz öňünde tutulan maksatlara ýyllyk 0,5 göterim bilen karz ugruny açmak üçin degişli karz şertnamasyny baglaşýar.

18. Karz şertnamasynda taraplaryň borçnamalary, berilýän karzyň umumy möçberi, karzyň maksady, möhleti geçen bergileriň dörän ýagdaýynda göterim ölçeginiň ululygy, karzy gaýtarmagyň we ol boýunça göterimleri tölemegiň möhleti, taraplaryň salgylary görkezilýär.

19. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan oba hojalyk tehnikalaryna we gurallaryna ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin berlen karzyň möçberine, karz şertnamasynda görkezilen möhletde we möçberde göterimler hasaplanylýar.

20. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň serişdeleri oba hojalyk tehnikalaryna we gurallaryna ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin önüm öndürijilerden karzyň üzmekligiň tertibi boýunça bergileriň we göterimleriň tutup almagyna garamazdan Bank tarapyndan tölenilýär. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň oba hojalyk tehnikalaryna we gurallaryna ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin berilen serişdeleriň galyndysy, Bankyň hasabynda duran galyndysyndan, ýokary bolmaly däldir.

21. Türkmenistanyň Merkezi banky şu Tertibiň şertlerine laýyklykda, berlen karz serişdeler Bank tarapyndan maksadalaýyk ulanylmadyk ýagdaýlary ýüze çykaran mahalynda ol karz ugrunyň degişli bölegini möhletinden öň yzyna gaýtarylmagyny Bankdan talap etmäge haklydyr.

V. Karzy bermegiň tertibi, karzlary peýdalanmagyň hasaby we gözegçiligi

22. Ýeňillikli karzy bermeklik Bank, şol sanda onuň şahamçalary tarapyndan amala aşyrylýar.

23. Bank karzyň üpjünçiliginiň ýagdaýyna hem-de karzyň netijeli we maksadalaýyk ulanylyşyna gözegçilik edýär. Berlen karzlar maksadalaýyk ulanylmadyk ýagdaýynda bank karz şertnamada bellenilen tertipde niýetlenilişine görä, peýdalanylmadyk karzyň bir bölegini oba hojalyk tehnikalaryna we gurallaryna ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin önüm öndürijileriň hasaplaşyk ýa-da başga hasabyndan möhletinden öň tutup almaga hukugy bardyr.

24. Ýeňillikli karzlary gaýtarmagyň möhletleri üzüliş tertibine laýyklykda amala aşyrylyp, ol pul serişdeleriniň gelip gowuşmagyna baglylykda birnäçe tapgyrlar bilen göz öňünde tutulyp biliner.

25. Önüm öndürijileriň oba hojalyk tehnikalaryna we gurallaryna ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin berlen karzy şertnamada göz öňünde tutulan möhletlerde we tertipde Banka gaýtarmaga borçludyr.

26. Oba hojalyk tehnikalaryna we gurallaryna ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin önüm öndürijilere berlen karz we oňa hasaplanan göterimler boýunça bergileri üzmekligi hem-de karzy möhletinden öň gaýtarmaklygy karz şertnamada göz öňüne tutulan şertlere laýyklykda amala aşyrylýar.

27. Bank şu Tertibiň şertlerinde ýeňillikli karzlary alan oba hojalyk tehnikalaryna we gurallaryna ätiýaçlyk şaýlaryny satyn almak üçin önüm öndürijileriň sanawlaryny goşmak bilen, karz serişdelerini peýdalanmagyň ýagdaýy barada Türkmenistanyň Merkezi bankyna hasabat bermäge borçludyr.

Esaslandyryjy – Türkmenistanyň Merkezi banky
Aşgabat ş., Bitarap Türkmenistan şaýoly, 36
Tel.: 38-10-27, faks: 92-08-12

Учредитель – Центральный банк Туркменистана
ш.Ашхабад., пр. Битарап Туркменистан, 36
Тел.: 38-10-27, факс: 92-08-12